Gymmatly kagyzyň gymmaty we harydyň gymmaty.Gymmatly kagyzyň gymmaty düşünjesi adaty harydyň gymmaty düşünjesi bilen gabat gelmeýär, sebäbi gymmatly kagyz öndürilmeýär. Onuň obýektiw ykdysady esasy ýa-da gelip çykyş çeşmesi gönüden-göni zähmet däl-de, eýsem onuň abstrakt görnüşi –maýa bolup durýar.

Gymmatly kagyzyň gymmatynyň iki häsiýeti.Gymmatly kagyz maýanyň (hakyky maýanyň) titulynyň we hakyky maýanyň (emele getirilen maýanyň) özüniň bitewiligidir, şol sebäbe görä, diňe bir gymmaty –harydyň özüniň gymmaty bolan ýönekeý harytdan tapawutlylykda gymmatly kagyzyň iki gymmaty bardyr:

1) bellenilen gymmaty ýa-da hakyky maýanyň wekili hökmündäki gymmaty;
2) bazar gymmaty ýa-da emele getirilen maýa hökmündäki gymmaty.

Gymmatly kagyzyň bellenen gymmaty onuň çykarylýan ýa-da üzülýän döwründe gymmatly kagyzyňhakyky maýa çalşylan mahalynda onuň deň bolan pul möçberinde ýüze çykýar. Bu pul möçberi gymmatly kagyzyň nominaly diýlip atlandyrylýar.

Gymmatly kagyzyň bazar gymmaty onuň emläk hukuklaryny maýalaşdyrmagyň netijesinde ýüze çykýar, çünki şu işiň netijesinde gymmatly kagyz maýa öwrülýär („kagyz— bolmagyna garamazdan).Onuň hukuklarynyň maýalaşmagy hökmünde gymmatly kagyzyň gymmaty. Gymmatly kagyzdan esasy emläk hukugy girdeji almaga bolan hukukda jemlenýär, şoňa görä hem gymmatly kagyzyň gymmaty, öňi bilen,girdejiniň maýalaşmagy bolup durýar. Emma hasaplanyp ýazylan girdejini almak onuň eýesiniň gymmatly kagyz boýunça ýeke-täk hukugy bolup durmaýar, galan hukuklaryň hem onuň gymmatynda ol ýa-da beýleki esasy bardyr ýa-da gymmat emele getiriji faktorlar bolup durýar. Şol sebäbe görä, gymmatly kagyzyň bazar gymmatynyň abstrakt modeliiniň şu görnüşi bolýar:

**Gkbg=Mg+Ghm:**

bu ýerde **Gkbg—**gymmatly kagyzyň bazar gymmaty;
**Mg**—hasaplanyp ýazylan girdejiniň maýalaşmagy;
**Ghm**—gymmatly kagyz boýunça gaýry hukuklaryň maýalaşmagy.

Maýalaşma düşünjesi.Hasaplanyp ýazylan girdejiniň maýalaşmagy–bu girdejini bazar (adatça) bank göterim möçberine bölmekden alnan netijedir. Maýalaşma maýanyň ululygyny hasaplap çykarmaga mümkinçilik berýär, bu maýa şol göterim möçberi bilen depozite goýlanda hasaplanyp ýazylýan girdejä deň bolan girdejini getirip başlar.

Girdeji almaga bolan hukukdan tapawutlylykda gymmatly kagyzlar boýunça beýleki

Все права защищены

save pdf date >>> 11.04.2026

hukuklara mukdar taýdan berk baha berip bolmaýar. Bazar nukdaýnazaryndan olaryň ähmiýeti näderejede ýokary bolsa, subýektiw-psihologik bahalaryň orny şol derejede ýokary bolýar.

Gymmatly kagyzyň bazar bahasy —bazar gymmatynyň puldaky bahasydyr. Gymmatly kagyzyň bazar bahasynyň iň bir abrstrakt modeliniň şunuň ýaly görnüşi bardyr:

**Gkbb=Gkbg+Gkaý we Gkbb=Gkbgx (1 + Bb%),**

bu ýerde **Gkbb**—gymmatly kagyzyň bazar bahasy,
**Gkbg**—gymmatly kagyzyň bazar gymmaty;
**Gkaý**—gymmatly kagyzyň gymmaty bilen deňeşdirilende bazar bahasynyň absolýut manyda ýokarlanmagy ýa-da peselmegi babatynda bazar garaşmalary;

**Bb%**—bazar bahasynyň onuň gymmatyndan gyşarmalarynyň bazar göterimi (paýlarda).

Iş ýüzünde gymmatly kagyzyň bazar bahasynyň hümmet gymmaty, hümmet bahasy, hümmet, bazar nyrhy ýaly atlary bardyr.

**Mukam SAPARGELDIÝEW**
**Türkmen döwlet maliýe**
**institutynyň talyby**

Все права защищены